Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE YOUNG DIPLOMATS

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№3 (152) 2026-njy ýylyň 31-nji ýanwary



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**On 21 January,** President Serdar Berdimuhamedov received the Director-General of the Food and Agriculture Organization of the United Nations, Qu Dongyu.

Expressing gratitude for the time devoted to the meeting, the guest emphasized the unwavering interest of the organization he leads in cooperation with Turkmenistan. At the same time, Qu Dongyu noted the importance of Turkmenistan's international initiatives aimed at ensuring universal environmental well-being.

***

**21-nji ýanwarda** Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin göçme mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralar tarapyndan 2025-nji ýylda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi hem-de şu ýylda bu düzümleriň öňünde durýan esasy wezipeler kesgitlenildi.

***

**22-nji ýanwarda** paýtagtymyzda «Howanyň üýtgemegi şertlerinde saglyk we iýmitleniş» atly halkara maslahat geçirildi. Munuň özi ýurdumyzyň bu ugurda umumy tagallalary birleşdirmäge uly goşant goşýandygynyň nobatdaky güwäsidir. Maslahata Türkmenistanyň ugurdaş ministrlikleriniň, Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk boýunça guramasynyň (FAO), Ösüş maksatnamasynyň, beýleki halkara guramalaryň ýolbaşçylary hem-de wekilleri, gatnaşdylar.

***

**On 23 January,** President Serdar Berdimuhamedov held a regular online meeting of the Cabinet of Ministers, at which a number of issues of state life were considered.

***

**23 января** Президент Сердар Бердымухамедов принял министра армии США Дэниела Дрисколла, а также специального посланника Президента США по Южной и Центральной Азии, посла США в Республике Индия Серджио Гора, прибывших в нашу страну с визитом.

***

**23-nji ýanwarda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidentiniň Günorta we Merkezi Aziýa boýunça ýörite ynanylan wekili, ABŞ-nyň Hindistan Respublikasyndaky ilçisi Serjio Gor bilen duşuşdy.

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin Gahryman Arkadagymyza hoşallygyny beýan edip, ABŞ bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň yzygiderli ösdürilýändigini aýtdy hem-de hormatly Prezidentimiz bilen bolan duşuşygynyň özara gatnaşyklary has-da ilerletmäge itergi berjekdigine ynam bildirdi. Şeýle hem Serjio Gor paýtagtymyzyň binagärlik keşbiniň özünde ýakymly täsirleri galdyrandygyny belledi.

***

**Şu ýylyň 16 — 25-nji ýanwary aralygynda** Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde 48-nji halkara sirk sungaty festiwaly geçirildi. Oňa ýurdumyzdan hem birnäçe myhmanlar gatnaşdy. Halkara festiwalyň çäklerinde geçirilen dabaraly çärede «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalar gowşuryldy.

***

**24 января** в городе Аркадаг состоялась встреча между вице-президентом по лечебной деятельности Благотворительного фонда по оказанию помощи нуждающимся в опеке детям имени Гурбангулы Бердымухамедова Огулджахан Атабаевой и представителем Детского фонда ООН (ЮНИСЕФ) в Туркменистане Джалпой Ратна.

В ходе встречи были рассмотрены вопросы дальнейшего укрепления многолетнего результативного диалога в интересах юных граждан нашей страны.

***

**24-nji ýanwarda** Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Lebap welaýatynda Ýaragly Güýçleriň harby bölümleriniň täze binalar we desgalar toplumynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Munuň özi Diýarymyzda giňden bellenilýän Watan goragçylarynyň gününiň öňüsyrasynda harby gullukçylar üçin ajaýyp sowgat boldy.

***

**26-njy ýanwarda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

***

**27 января** Президент Туркменистана, Верховный главнокомандующий Вооруженными силами страны Сердар Бердымухамедов поздравил военнослужащих и сотрудников правоохранительных органов с Днем защитников Отечества.

***

**27-nji ýanwarda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzda şähergurluşyk maksatnamasynyň häzirki zaman talaplaryna we ýokary halkara görkezijilere laýyk derejede durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň nyşany bolan Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy.

## Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany

*Parahatdyr, asudadyr Watanym,*
*Altyn şapagynda daňy atanym,*
*Gül goýnunda wysalyma ýetenim,*
*Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan,*
*Bedew batly at-myradyň mekany.*

*Arzuw-niýet, maksadyňa ýetersiň,*
*Ak geljege bagtyň nurun sepersiň,*
*Halal zähmet, menzillerden geçersiň,*
*Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan,*
*Bedew batly at-myradyň mekany.*

*Keramat bar atalaryň pendinde,*
*Goňşokara gatnar, oba-kendinde,*
*Watan diýip ýürek urýar her demde,*
*Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan,*
*Bedew batly at-myradyň mekany.*

*Şanyň artsyn baky Bitarap Diýar,*
*Gije-gündiz mydam sen hakda hyýal,*
*Ýollarmyz ýeňişli-tug pasyrdaýar,*
*Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan,*
*Bedew batly at-myradyň mekany.*

*Maksatlarmyz aýdyň, ýollarmyz aýdyň,*
*Toprak keremini kalbyma çaýdym,*
*Peder ruhuny merhemet saýdym,*
*Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan,*
*Bedew batly at-myradyň mekany.*

*«Diňe öňe!» Arkadagyň şygary,*
*Iň uly mertebe Watan ygrary,*
*Aýym-günüm, köňülleriň çyragy,*
*Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan,*
*Bedew batly at-myradyň mekany.*

*Parahat zemindir köňül mydary,*
*Bedew bady bilen biz öňe sary,*
*Ýalka ykbal Arkadagly Serdary,*
*Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan,*
*Bedew batly at-myradyň mekany.*

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# ...At-myradyň mekany

Bedew bady bilen öňe barýan ata Watanymyzda ýyllarmyz şan-şöhraty, rysgal-berekedi, şatlykşowhuny bilen gelýär. Her ýylam özüne mahsus ösüşleri, üstünlikleri bilen tamamlanýar. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly ýurdumyz üçin taryhy ähmiýetli ýyllaryň biri boldy. Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenip geçilmegi ýurdumyzyň gazanan ägirt uly üstünliklerini, ýeten sepgitlerini dünýä jemgyýetçiligine ýetirmäge mümkinçilik berdi.

Geçen ýyl ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň Hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi Bitaraplyk syýasatymyzyň mynasyp dowam etdirilýändigini ýene bir gezek görkezdi» diýip, hormatly Prezidentimiz türkmen halkyna Täze ýyl gutlagynda belläp geçdi.

Hemmämiziň bilşimiz ýaly, ýagny şanly Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy bellenilen ýylda ýurdumyzda köp sanly halkara derejesinde çäreleriň ençemesi bolup geçdi. Käbir şanly wakalarymyzdan mysal alyp göreliň, ýagny awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça III maslahaty geçirildi we bu ugurda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Awaza syýasy Jarnamasy» kabul edildi. Şanly Bitaraplyk toýumyzyň öňüsyrasynda «Awaza» milli syýaahatçylyk zolagynda «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek» atly halkara maslahaty bolup geçdi. Ýokary derejede geçen bu maslahat uly ähmiýete eýe boldy hem-de halkara derejesinde geçirilen bu forum boýunça Aşgabat Jarnamasy kabul edildi. Soňra Halkara Bitaraplyk gününde şanly Bitaraplyk toýumyzyň 30 ýyllygy halkara derjesinde ýokary guramaçylyk derejesinde bellenilip geçildi. Dünýäniň örän köp döwletleriniň ýolbaşçylarynyň gelmegi türkmen döwletiniň abraý-mertbesini ýokary göterdi.

Şonuň ýaly-da geçen ýyl Aşgabat şäheri ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň Bütindünýä toruna girizildi. Alabaý itleri ösdürip ýetişdirmek däpleri ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi.

Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan asylly däbini Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen dowam etdirilýär. Bu asylly maksatlardan ugur alnyp 2026-njy ýylyň «Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan—bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyryldy. Bu bolsa täze ýylymyzyň täze üstünliklerine täze badalga boldy diýsek dogry bolar. Elbetde bu ýylymyzyň «Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan—bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy bütin halkymyzy täze ýeňişlere ruhlandyrdy. At ýylymyz türkmen halkymyz tarapyndan örän gyzgyn garşylandy.

Ýurdumyzda 2026-njy ýylyň «Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy özboluşly mana eýedir. Bu şanly ýylda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň hem-de baky Bitaraplygymyzyň gymmatlyklary täzeçe öwüşginde has-da dabaralanyp, täze işlere badalga berler. Ata watanymyzyň ähli ulgamlarynda ýeňişli ädimlere tarap ugur alnar.

Üstümizdäki ýylymyz bolsa Gündogar müçenamasy boýunça ýylky, bedew ýyly. Elbetde, naýbaşy bedewlerimiz biziň milli buýsanjymyzdyr, baýlygymyzdyr hem-de beýik ösüşlerimiziň nyşanydyr. Täze — 2026-njy ýylymyzyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýip atlandyrylmagy hem munuň aýdyň mysalydyr. «At-myrat» diýlişi ýaly, nesip bolsa bu ýylam bagtyýar halkymyzy maksat-myradyna ýetirer. Asyrlarboýy türkmen halky bedewlere uly sarpa goýyp gelýärler. Gadym döwürlerden bäri bedewlerimiz milletimiziň ynamdar we ygtybarly ýoldaşy hökmünde aýratyn orun tutýar. Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda: «Ahalteke bedewi, türkmen alabaýy diňe bir Türkmenistanyň milli baýlygy däl, eýsem, bütin dünýäniň medeni mirasy bolup durýar. Olar özboluşlylygy, esasan hem, wepalylygy, ýagşy niýetleri duýup bilijiligi, kömek etmäge ilgezikligi eý görülýän häsiýetlerimiz bilen kybapdaşdyr. Taryhyň bütin dowamynda ýanymyzdan aýrylmadyk bu dostlarymyz aýratyn hormata mynasypdyr» diýip, beýik jümleler bilen belläp geçýär. Hemmämiziň bilşimiz ýaly, gözelligi, ýyndamlygy, akyllylygy bilen tapawutlanýan ahalteke bedewi Ýanardag bu gün Türkmenistanyň Döwlet Tugrasynyň bezegi bolup dur. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň ýiti paýhasyndan kemala gelen «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» ýaly ylma hem-de baý tejribä ýugrulan eserlerinde türkmen bedewleriniň ýyndamlygy, gaýtalanmajak durky, taýsyz gözellikleri mynasyp beýan edilýär. Ahalteke bedewleri Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň ösüşleriniň nyşanydyr. Nesip bolsa, bu ýylymyzyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygyny uly dabara, zähmet ýeňişlerimiz bilen garşylajakdygymyza uly badalga boldy diýsek dogry bolar. Has dogrusy, bedew batly öňe barýan Watanymyz, bu ýylda, täze ösüşlere özgerişliklere we üstünliklere beslener.

Türkmen halky bedew atlaryny başynyň täjine deňeýär. «Görogly» şadessanyndaky şeýle setirler bilen dowam edesiň gelýär:



*Teblesinde bedew aty baglynyň,*
*Göwünleri gaýnap-gaýnap joş bolar.*
*Daň ýelinde ylgar eden ýigidiň,*
*Bedew aty oýnar, gowni hoş bolar-*

diýlişi ýaly, bedewe atlanan ynsanyň kalby mydam joş, onuň kalbyna uçar ganat bolup bilýändigine göz ýetirýärsiň. Muňa nusgawy edebiýatymyzda bedewiň waspyny eden şahyrlarymyzyň setirlerinde hem görmek bolýar. Meselem,Magrupy şahyryň «Bedew» atly şygrybny okasaň türkmen bedewine bolan buýsanjyň has-da artýar.

*Halk ezelde, halk eýlemiş,*
*Bir ajaýyp zatdyr bedew.*
*Jennet Byragy diýmişler,*
*Ýalançyda atdyr bedew.*

*Berse hanlar ýüz-müň tümen,*
*Sata bilmez seni münen,*
*Ak ýol kibi gyr-u semen,*
*Çekilen bir hatdyr bedew.*

Bu setirler islendik ynsany tolgundyrman bilmez. Öz maşgalasynyň agzasy hasaplaýan islendik ynsanda bedew hakynda gürrüň gozgalsa ýüzüne nur sepilýär. Bu bolsa türkmen halkynyň emer-damarynda öz syrdaşy, wepadar dosty bedewine bolan belent buýsanç ýatandygyny aňladýar.

Şu ýerde Gahryman Arkadagymyzyň «Atda sapa-da bar, wepada bar» atly nusgalyk kitabynda şeýle setirleri okanyňda, muňa hasam göz ýetirýärsiň: «Döwlet hem-de bedew düşünjeleri taryhyň synagly ýollarynda birleşýär. Çawy yklymlary aşan türkmen döwletleri bedewleriň şöhratyny hem beýgeldipdirler. Çünki şol uly at-abraýa bedewler hem deň şärik bolupdyrlar. «Dünýäniň çarhy bedewiň toýnagynyň astynda» diýlip ýöne ýere aýdylmaýar. Meşhur soltanlaryň öz atlaryny bedewleri bilen bilelikde taryha ýazandyklaryny bilýäris». Bu setirleri okap, bedewler baradaky buýsanjymyz kalbymyzda täze-täze duýgulary kemala getirýär, buýsanjymyz kalbymyzy heýjana getirýär. Neneň onsaň şahyrana setirleri ýazmak üçin eliňe galam almajak.

*Türkmenime uçar ganat bedewim,*
*Iň keremli sözler seniň şanyňa.*
*Wasp edip doýmaryn kamatyň görsem,*
*Türkmenim deň görer hany-manyna.*

*Belent başyň nusgalykdyr türgene,*
*Aziýadaň nyşanyna bezeg sen.*
*Ýeňişleriň köňüllere gurbatdyr,*
*Synlan wagtym gyz gylykly gezer sen.*

*Çarpaýa galyp, okdurylyp öňe,*
*Ah, Gyratym, Dordepelim, Dor atym,*
*Baýraklar, serpaýlar bezände keşbiň,*
*Öz-özümi bagtly duýan halatym.*

*Bu türkmene baky wepaly syrdaş,*
*Bolupdyň sen, indem borsuň, enşalla!*
*Geçmişde türkmene gaýrat beripdiň,*
*Bereniňe şükür, ýa eziz, Alla!*

*Dillere sena sen, billere gurbat,*
*Dillerden düşmedi, düşmezem adyň.*
*Guş bolup uçaňda ganatly ýaly,*
*Köňlüme kuwwatdyr ýel deýin badyň.*

*Bu gün gör, nämeler aýtsam az saňa,*
*Arkadagly ilde belentdir sarpaň,*
*Sensiz gözellik ýok, ýok ruhy täjim,*
*Seni arşa götär, arkama-arkam.*

*Bedew batly at-myradyň mekany,*
*Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym.*
*Öňküdenem arşa galsyn mertebäm,*
*Ýoluň bilen Arkadagly Serdarym!*

Hawa, aýlar, ýyllar, asyrlar geçer, bedew atlarymyz biziň ajaýyp ertirimiziň şuglasy bolup, göwünlerimize ganat beklär. Bu bolsa biziň ruhy täjimiz bolan türkmen ahal-teke bedewlerimiz hakyndaky aýdymlarymyz, düýnem, şu günem, ertirem biziň syrdaş hem wepadarlyk kasamymyz bolup, maksat-myrada ýetýän nurana geljegimize öçmejek şuglasyny saçar diýesim gelýär. Men sözümi «Görogly» şadessanynda bedewlerimize bolan buýsançly setirler bilen jemläsim gelýär:

*Bat gerek mundan ötmäge,*
*Guş gerek kowup ýetmäge,*
*Durup tomaşa etmäge,*
*Iki gara göz bolaýdy ýa-da bolmasa*
*Äri myrada ýetirer seniň arkajygyň,*
*At diýmezden saňa, gardaş diýerem,*
*Gardaşymdan ýeg,*
*Başyma iş geldi, ýoldaş diýerem,*
*Ýoldaşymdan ýeg.*

Biziň bahasyna ýetip bolmajak ruhy baý gymmatlyklarymyzy öwrenmäge, olaryň kerem-gymmatyny halka wagyz etmäge, galyberse-de, behişdi bedewlerimize belent sarpa goýýan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyza, onuň peder ýoluny dowam edýän hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden alkyşlarymyzy beýan edýäris. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwletli işleri rowaç, janlary, ömürleri uzak bolsun! Türkmen halkynyň dowamaty dowam, behişdi bedewlerimiziň şöhraty dünýä ýaň salsyn!

**Jumaberdi ARTYKOW,**
Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň mugallymy.

22-nji ýanwarda Aşgabatda «Howanyň üýtgemegi şertlerinde saglyk we iýmitleniş» atly halkara maslahat geçirildi.



# GÜNDOGARYŇ BEÝIK ALYMY



Muhammet Al-Horezmi — matematika ylmyna algebrany beren alym. Horezmi ýaş wagtyndan matematika bilen gyzyklanypdyr. Ol arap, pars, hindi, ýunan dillerini öwrenipdir. Horezminiň beýik alym hökmünde ykrar edilmeginde «Paýhas öýüniň» uly ähmiýeti bolupdyr. Horezmi Mamunyň halyflyk eden döwründe «Paýhas öýüne» ýolbaşçylyk edipdir. Şol döwürde ylmyň merkezi Bagdat bolanlygy üçin, Gündogarda ylym bilen gyzyklanýan ähli adamlar bu ýere gelip, dürli ugurlar boýunça işleýän görnükli alymlar bilen tanşyp, pikir alşypdyrlar we ylymda öz güýçlerini synap görüpdirler. Soňra Bagdatdaky Ylymlar akademiýasynda (Beýtul hikmet) bilimini ösdürmäge başlapdyrlar. Mamunyň kömegi bilen Horezmi-de Bagdatda 813 — 833-nji ýyllarda şu akademiýada işläpdir.

Akademiýada matematika, geodeziýa, geografiýa, ynsanperwer bilimler boýunça ylmy işler alnyp barlypdyr. Mamunyň halyflyk eden döwründe Al-Horezminiň ýolbaşçylygynda alymlar Hindistana, Rime, Wizantiýa, Hazara (Wolganyň günortasy) birnäçe gezek ylmy işleri öwrenmäge gidipdirler. Horezmi matematika ylmyny ösdürmäge uly goşant goşýar. Özüniň algebraik traktatyna ýazan sözbaşysynda Horezmi näme üçin astronomiýa hem matematika köp üns berendigi hakynda şeýle ýazypdyr: «Men arifmetikanyň ýönekeý hem çylşyrymly sowallaryny öz içine alýan, algebrany hem almukabaly hasaplaýan kiçijik kitaby düzdüm. Çünki ol miras paýlaşylanda hem kazyýet işlerinde, söwda we dürli ylalaşyklarda, şeýle hem ýer ölçeginde, ýap gazylanda, amaly gurluşyk geometriýasynda we şular ýaly dürli işlerde adamlara zerur».

Horezminiň «Hindi hasaby hakynda», «Algebrany hem almukabaly hasaplamak hakynda», «Trigonometrik tablisalar» ýaly eserleri matematika ylmyna düýpli täzelikler girizipdir. Onuň «Alžabr we al mukabala hasap hakynda» atly kitabynda sanly kwadrat we çyzykly deňlemeler, olary çözmegiň ýollary beýan edilýär. Kitabyň nazary-teoretiki bölüminde çyzgyly hem kwadrat deňlemeleriň teoriýasy, geometriýanyň käbir meseleleri, amaly bölüminde bolsa hojalyk-durmuş, hukuk meselelerinde algebranyň usullaryny ulanmak barada maglumatlar berilýär. Horezmi sanlary razrýadlara bölýär, dört tapawut boýunça pikir ýöredýär, ylma birlikler, onluklar, ýüzlükler, müňlükler barada düşünjelerini, nol hem boş tapawutlary girizýär. Häzirki ulanýan sanlarymyzy we hasaplaşykdaky goşmak, aýyrmak, köpeltmek, bölmek amallarynyň añsat usullaryny dünýä ýaýradýar. Dogrusy, bu sanlar ilki Hindistanda oýlanyp tapylýar, emma ony amaly taýdan ilkinji gezek ulanyşa girizen Horezmidir. Al-Horezmi matematika ylmyndaky abstrakt düşünjeleri giňişleýin düşündirýär. Induksiýa ýoly bilen ýekelikden umumylyga gönükdirilen çözüw usullaryny ýüze çykarýar, deduksiýa ýoly bilen (umumylykdan ýekelige gönükdirilen usul) dürli hususy meseleleriň çözülişini görkezýär.

«Alžabr we mukabala» eseri bilen matematika ylmyny ösdürip, özünden öňki bilimleri öwrenýär we ýollary üstüýetirijilikli birleşdirip (sintezläp), olary amallaryň üsti bilen peýdalanmak usulyny beýan edýär. Şu eseriň üsti bilen Al-Horezminiň ady latynça «algorizm», «algoritm» görnüşini aldy. Soňra häzirki zaman matematikanyň esasy düşünjesi «algoritm» «algorifma» öwrüldi. Ol matematikanyň esasy ösüşi bilen birlikde, ony durmuşda peýdalanmagyň ýollaryny-da salgy berdi. Ol hasaplamakda, söwdada örän uly rol oýnady.

Horezminiň ikinji işi ýa-da kitaby bolan «Hindi arifmetikasy hakynda kitap» («Hasap al-Hindi») atly eserinde 0,1,2,3,4,5,6,7,8,9 sanlarynyň islendik hasaplama ýeterlikdigini beýan edýär. Horezmi hindileriň matematika degişli «Sindihind» atly gollanmasyny okap, oňa täzelikler goşýar, çylşyrymly taraplaryny täzeden işläp, täze baplary girizýär. Ony «Gysgaça sindihind» (algoritm hindi hasaby hökmünde) diýip belleýär. Eser diňe bir Gündogarda däl, Ýewropada hem giňden mälim bolýar.

Sanlardan peýdalanyp, örän uly sanlary düzmek, ýazmak X–XI asyrlarda araplarda ýüze çykypdyr. Ol dürli jisimdäki sanlary, köpeltmek algoritimini-de döredýär. Meselem, minut-sekuntlary goşmak, sekunda öwürmek ýa-da minuta öwürmek. Alym 100-e golaý ylmy işleri ýazýar. Horezmi taryh boýunça arap dilinde ylmy iş ýazanlaryň ilkinjileriniň biri hasap edilýär. Ol «Taryhlaryň kitaplary» atly ýörite traktaty ýazýar. Bu kitaba köp alymlar ýüzlenipdir, onda Aleksandr Makedonskiniň we Muhammet Pygamberiň eneden doglan we aradan çykan ýyllary görkezilipdir. Ol maglumatlardan Biruny hem peýdalanypdyr. Horezminiň geografiýa degişli ýazan «Kitap surat al-arz», «Ýeriň görnüşiniň kitaby» diýen traktaty-da giňden mälimdir. Bu kitapda şäherleriň 537-siniň geografik ýagdaýy, daglaryň 209-sy, deňizleriň, ýerleriň hem kölleriň onlarçasy hakda maglumatlar bar. Bu işinde Horezmi ýeriň kartasy we onuň düzümi barada maglumat berýär.

Horezmi beýik astronomdyr. Onuň «Astronomik tablisalar» diýen kitaby Ýewropanyň okuw mekdeplerinde, «Ýeriň suraty baradaky kitap» diýen işi bolsa arap ýurtlarynda esasy okuw kitaby bolup hyzmat edipdir.

Okatmakda alym tejribe usullary, sorag-jogap, gönükme we meseleleri işlemek, bilimlere seljeriş etmekden ugur almagy belleýär. Meselem, arifmetikada mesele-mysallary işlemek, çözmek, manysyna düşünmek, pikirlenmek, amalyýetde onuň ähmiýetini görmek zerur diýýär.

Jemläp aýdylanda, Al-Horezmi matematika we ynsanperwer ylymlar boýunça Gündogarda we Ýewropada uly açyşlary amala aşyran alymdyr. Hindileriň onluk düzüm sanlary Horezmi tarapyndan arap diline geçirilip, bütin dünýä ýaýradyldy. Ol matematikany esaslandyryjy hökmünde taryha girdi. Onuň matematika, geografiýa, taryha degişli we beýleki eserleri özünden soňky alymlaryň döredijilikli işlemegi üçin uly gollanma boldy. Al-Horezmi Muhammet ibn Fergany, ylma tangens, kotangens düşünjelerini girizen maryly Habaş Hasyp, Abu Mansur, Halyg Merwerudy, Seýit Jöwheri ýaly alymlary terbiýeläp ýetişdiren halypadyr

**Orazjemal ÇARYÝAROWA,**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyby.**

# PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ BEÝANY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň binýadyny goýan ýurdumyzyň daşary syýasy strategiýasy hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Döwletimiziň oýlanyşykly daşary syýasatynyň özenini bolsa Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk syýasaty düzýär. Bu syýasat bolsa halkymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alýan parahatçylyk, ynanyşmak, hoşniýetli goňşuçylyk, özara bähbitlilik ýörelgeleri bilen berk baglanşyklydyr. Şeýle ýörelgeler Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jöwher paýhasyndan syzylyp çykan «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda aýdyň beýan edilýär.

Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow geçen ýylyň 6-njy dekabrynda geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisinde şu ýylyň jemlenmegi bilen bagly «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabyny ýazyp tamamlandygyny aýtdy. Kitapda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyzyň ähmiýeti, dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy üpjün etmäge gönükdirilen taryhy başlangyçlar giňden beýan edilip, ýurdumyzda ýetilen belent sepgitleriň, gazanylan üstünlikleriň jemi jemlenýär.

Kitapda döwlet Baştutanymyz: «Gadymy döwürlerden häzirki günlere çenli dowam edýän mirasymyzda türkmen halkynyň parahatçylyk söýüjiliginiň taryhy kökleri aýdyň görünýär. Parahatçylyk, myhmansöýerlik, dostluk ýaly häsiýetler munuň esasy çeşmesidir» diýip, örän jaýdar belleýär. Hakykatdanda, türkmen parahatçylygyň we ynanyşmagyň guraly bolan türkmen Bitaraplygy özüniň gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Muňa goja taryh şaýatlyk edýär.




Şeýle-de täze eserinde hormatly Prezidentimiz parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatymyzy üstünlikli durmuşa geçirjek ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň ornuna üns çekip, şeýle belleýär: «Biz köp ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işiniň kämilleşdirilmegi, onuň maliýe we maddy-tehniki üpjünçiliginiň berkidilmegi, diplomatlaryň hünär ussatlygynyň ýokarlandyrylmagy ugrunda tagalla edýäris. Döwletimiziň şeýle uly aladalaryna diplomatik işgärler Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasyny üstünlikli durmuşa geçirmek we onuň halkara abraýyny yzygiderli beýgeltmek arkaly jogap bermelidirler.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty hem öňdebaryjy ylmyň we bilimiň merkezi hökmünde ýurdumyzyň diplomatik ýörelgelerini halkara derejede amala aşyrmaga ukyply hünärmenleri taýýarlamakda möhüm orny eýeleýär. Bu ýokary okuw mekdebi bitaraplyk syýasatynyň çäklerinde halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge ukyply diplomatlary taýýarlamak boýunça möhüm wezipäni ýerine ýetirýär».

Biz ýaşlara okamaga, öwrenmäge, öz hünärimiziň hakyky eýeleri bolup ýetişmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Hudaýberdi ROZYKOW,**
Halkara gatnaşyklary
fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.

Ene dili iňlis dili bolmadyk ýurtlary öz içine alýan «EF English Proficiency Index 2025» reýtinginde Türkmenistan dünýä ýurtlarynyň arasynda 91-nji orna ýerleşdi. Bu görkeziji Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasynda iň ýokarysydyr.

# SAÝLAW SENIŇ ELIŇDE

Günleriň bir güni ýaş gyz ejesiniň ýanyna baryp öz durmuşyndan zeýrenip başlaýar. Ol ykbalyň özüne gülüp bakmandygyndan, durmuşdan ýadandygyndan, bir kynçylygy ýeňip geçse, beýleki bir kynçylygyň öňüne böwet bolup durýandygyndan zeýrenýär. Gyzyny ünsli diňläp oturan ejesi birsalym oýlanýar-da, onuň elinden tutup, aşhana alyp barýar. Ol gyzynyň gözüniň alnynda üç sany uly gaby suwdan doldurup, aşagyna ot berýär. Az salymdan deňje oda goýlan suwly gaplar gaýnadyp başlaýar. Gyzyň ejesi olaryň birine käşir, beýlekisine ýumurtga, üçünjisine bolsa kofe dänelerini atyp, sesini çykarman gaplaryň gaýnamagyna garaşýar. Ýigrimi minut çemesi wagt geçensoň, gaýnap duran gaplaryň aşagyny öçürýär-de, gaýnan zatlarynyň hersini aýratyn tabakda goýýar. Soňra bolsa gyzyna seredip: «Näme görýärsiň?» diýip soraýar. Gyzy bolsa geňirgenip: «Käşir, ýumurtga we kofe» diýip jogap berýär. Akylly zenan gyzyna käşiri elläp görmegi tabşyrýar. Ol hem käşiri elläp görüp, gowy ýumşandygyny aýdýar. Soňra bolsa ýumurtgany eline alyp döwmegi tabşyrýar. Ýaş gyz ýumurtgany döwüp, gabygyny artandan soňra, gaty bişen ýumurtganyň sarysyna çenli gatandygyny aýdýar. Kofeniň bolsa, ýakymly ysy töwerege ýaýrap, göwünleri göterýär. Aslynda kofe içmegi halaýan gyz kofeni dadyp görensoň, ejesine bakyp ýylgyrýar. Ahyry gyz ejesinden: «Ejejan, bu näme boldugy?» diýip soraýar.




Häliden bäri gözüni aýyrman gyzynyň hereketlerini synlap duran ejesi bolsa, gyzynyň ýüzüne bakyp: «Käşir, ýumurtga, kofe — bularyň ählisi şol bir kynçylyk bilen ýüzleşdiler. Üçüsi-de deň derejede gaýnag suwda gaýnadylar. Emma bu kynçylyga olaryň hersi dürli jogap gaýtardy. Käşir gatydy we güýçlüdi. Emma gaýnag suwa salnandan soň bolsa ýumşady. Ýumurtga onuň tersine edil suw ýaly näzikdi. Ony ýukajyk gabygy gorap saklaýardy, emma gaýnag suwda gaýnansoň bolsa, ol hiç kimiň goragyna mätäç däl. Indi ol öz gabygyndan hem gaty. Kofe welin düýbünden başgaça, ol suwy kofä öwrülmäge mejbur etdi.

Hany aýt, gyzym, sen bularyň haýsysyny saýlaýarsyň?!

Kynçylyk gazanynda eremegimi, bekemegimi ýa-da muşakgatlary özüňe tabyn etmegimi?! Hany aýt, gyzym! Saýlaw seniň öz eliňde.

# SYÇAN BILEN GURBAGA

Bir wagtlar syçan we gurbaga ýakyn dost bolupdyrlar. Günde ir säher bilen howuzda ýaşaýan gurbaga iki ädimde ösüp oturan ullakan bagyň hininde ýaşaýan syçanyň öýüne myhmançylyga barar eken. Ol diňe agşamlyk wagty yzyna dolanardy. Gurbaga ýaly dostunyň barlygyna guwanyp ýaşaýan syçanjyk jana-jan ülpetiniň kem-kemden duşmanyna öwrülip barýandygyny aňşyrmandyr. Gurbaganyň bolsa gün-günden syçanjyga bolan ýigrenji artypdyr. Gurbaga günde dostunyň ýanyna görme-görşe gelse-de, syçanjyk onuň ýanyna bir gezek hem myhmançylyga barmandyr. Bir gün gurbaga özüni şeýle bir kemsidilen halda duýup, öz dostundan ar almagyň kül-külüne düşýär. Betbagt syçanjyk gurbaganyň niýetinden habarsyz, hemişekisi ýaly ony güler ýüz bilen garşy alýar we törüne geçirip, hezzet-hormat edýär.



Gurbaga syçanjyk bilen hoşlaşanda bildirmän syçanyň guýrugynyň ujuny ýüp bilen daňyp, beýleki ujuny öz aýagyna daňýar. Soňra bolsa bigünä syçanjygy yzynda süýräp, howuza özüni urýar we düýbüne çümüp gidýär. Syçanjyk näçe dyrjaşsa-da, özüni ýüpden boşadyp bilmän gark bolýar. Suwuň ýüzünde gaýmalap ýören syçanjyk aw gözläp ýören gyrgynyň ýiti nazaryna düşýär. Gyrgy dessine syçanjygy penjesine gysyp, awuny iýmek üçin golaýdaky agaja gonýar. Syçanjygyň guýrugyna daňylgy ýüpüň beýleki ujy bolsa gurbaganyň aýagyna daňylgydy. Şeýdip, gurbaga-da öz pirimine özi çolaşýar. Özi-de ýüpden boşanyp bilmän gyrga şam bolýar. «Ýakma bişersiň, gazma düşersiň!» diýlipdir ahyry.

**Iňlis dilinden terjime eden:**
**Ajaýyp NOBATOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 5-nji ýyl talyby.

# BAGBAN ATA

*(Oýlanma)*

Obanyň säheri, adamlaryň däl-de, ilki bilen guşlaryň owazly sesleri we ýyly topragyň dem almagy bilen başlanýar. Bu sazlaşyk döredýän, seremjan berilmegini halaýan gülleriň ysy her bir öýe özboluşly ýakymy bilen aralaşýar. Ýöne, bu ýakymly ysyň iň köp ýaýraýan ýeri, obanyň gaýra çetinde ýerleşýän bag-bakjaly howludyr. Ol ýerde Bagban ata diýen zähmetkeş adam ýaşaýar. Ýaşy altmyşdan agan Bagban ata diňe bir bagban däldi, ol özüniň zähmetsöýerligi, sabyrlylygy, tutanýerliligi bilen il arasynda hormatlanylýan adamdy. Onuň ellerindäki işe bekişen, ýadawsyzlykdan nam-nyşan ýok her bir damarlary zähmet bilen ýaşaýşyň arasyndaky inçejik gatnaşyk hakynda gürrüň berýärdi.

Bagbanyň baglaryň topragy adaty ýer däl. Ol adamyň zähmetiniň, sabrlylygynyň we oturdylýan her bir nahalyň syrynyň jemlenen ýeri. Ol, bu topraga diňe suw goýberýän däl, eýsem öz ruhuny hem berýän adam hökmünde tanalýan ynsan. Obanyň beýleki ýaşululary : «Bu toprakda hiç zat bitmez, hasyl almak mümkin däl» diýenlerinde-de, Bagban aga öz pikirini öňe sürüp: «Yhlas bilen aglasaň, sokur gözden ýaş çykar» diýipdirler. Topraga yhlas gerek, ol köp zähmeti talap edýär ahyry» diýip, jogap bererdi.



Mele topragyň syrynda wagtyň däl-de tebigatyň kanuna düşünmeklik bolup durýar. Ol baglary diňe bir öz wagtynda suwarman, eýsem, her bir agaja öz çagasyna ýüzlenişi ýaly ýüzlenýärdi. Ýazda ilkinji güller açylyp başlanda, ol baglarynyň arasynda gezmeleýär. Her bir miweli bagyň näme isleýändigini, nähili kölege we gün şöhlesini talap edýändigini ýüregi bilen duýýardy.

Hasyl möwsüminde bolsa, Bagan atanyň zähmetiniň, yhlasynyň ýerine düşendigini görmek bolýar. Onuň baglary adatça her ýyl bol hasyl berýärdi. Baglaryň şahalary miwelerden ýaňa şeýle bir ýüklenýär welin, agaçlaryň synmagynyň öňüni almak üçin olara ýörite diregleri goýumaly bolýardy. Gyzyl almalar, dürli görnüşdäki üzümler, armyt... Ol miweleriň ýokary hili we tagamlylygy sebäpli, obanyň ilaty bagbanyň miwelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar. Bu bol hasyl onuň zähmetiniň maddy gymmatyndan has ähmiýetli, ol ynsan kalbynyň sadalygynyň we tutanýerli zähmetiniň toprakda ösüp ýetişen miwesidir.

Bagban ata diňe bir miweleri ýetişdirmän, eýsem, ol obanyň iň gymmatly hasylyny, ýagny hormaty ýetişdirýär. Onuň durmuşynda gymmatly kagyzlar, walýutalar, ýa-da şäheriň belent binalary ýok. Onuň maýa goýumy, ähli zähmeti ýaly, topragyň hakyky gymmatyna we ynsan sözüniň hakykylygyna esaslanýar.

Onuň gapysy hemmeler üçin açykdyr. Adamlar ondan agajy nädip dogry kesmelidigini soramaga gelýärler, goňşulary bolsa öz baglarynyň derdi barada gürrüň berýärler. Bagban ata bolsa ýaltanman her bir adama çynlakaý we sabyrlylyk bilen jogap berýär. Ol hiç haçan öz tejribesini özgelerden gizlemeýär. Obadakylar ony diňe bir bol hasylyň eýesi hökmünde däl-de, eýsem, sadalygyň, yhlasyň we ýaşaýşyň bagbany hökmünde sylaýarlar.

Bagbanyň bagy, ähli obanyň ykbaly bilen baglanyşykly. Onuň ýyllyk hasyly obanyň bazarlaryny doldurýar, ýöne esasy zat, ol ýaş nesle: «Döwür üýtgemeýär, zähmetiň we sadalygyň gymmatyny saklamak her kimiň öz elinde» diýen nesihaty berýär. Şonuň üçin hem, ony hemme sylaýar. Sebäbi, ol obanyň topraklarynyň ruhuny duyýan hakyky bagbandyr.

**Ogulnur GELDIMYRADOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.

24-nji ýanwarda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti bilen BMG-niň Çagalar gaznasynyň Türkmenistandaky wekili arasynda duşuşyk geçirildi.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

*Baş redaktor*
***Jumaberdi ARTYKOW***

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*

***Jogapkär kätip:*** *A.Kaşaňow.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *O.Çaryýarowa.*

***Bölüm müdiri:*** *J.Gurbangylyjowa.*

***Edebi işgärler:*** *A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.*

***Korrektorlar:*** *A.Döwletowa, B.Baýhanow.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.*

***Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.***

***E-mail:***
***hgi.redaksiya@gmail.com***